




# ÜÇ ÇOPAN

**Erteki**

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat–2010

UOK 894.361
Ü 13

Ü 13 **Üç çopan.** Erteki. -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.



TDKP №231, 2010. KBK 84 Tür 1

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.





Bir bar eken, bir ýok eken, öňki wagtlarda bir baý bar eken. Onuň üç sany çopany bar eken. Ol baý çopanlaryny köp horlar eken.


Ol çopanlar
elmydama gury çörek
iýer ekenler.




Günlerde bir gün bu
çopanlaryň bakýan
goýunlarynyň biri üçem
guzlapdyr.



Soň bu çopanlar birleşip: «Geliň, şu guzularyň birini iýeliň» diýip, maslahat edýärler.





Soň çopanlar bir guzyny soýup, çorba edinýärler.



Emma guzy örän kiçijik bolany üçin, onuň eti hem örän az bolýar, bişiren çorbalary hem zordan bir adama nahar boljak diýýär.





Bular näme etjeklerini bilmän, öz aralarynda gürrüň edýärler.



Çopanlaryň biri:
– Bu çorbany öýläne goýalyň. Günortan bolsa, üçimiz hem ýatalyň, haýsy birimiz gowy düýş görsek, çorbany hem şol iýmeli edeliň – diýipdir.
Beýleki çopanlar hem munuň aýdanyna razy bolupdyrlar.





Günortan bular ýatypdyrlar. «Günortan ýatalyň» diýip maslahat berenden beýleki iki çopan uklapdyr. Emma ol ýatmandyr.



Ol iki çopan pugta uka gidensoň, beýleki çopan turup baryp, çorbany ýeke özi iýipdir.





Bir salymdan soň, beýleki iki çopan hem turupdyr. Soň olar öz gören düýşlerini biri-birlerine gürrüň edip beripdirler.


Çopanlaryň biri:
– Men düýşümde aýal
alýaryn – diýen.




Ýene biri:
– Men baý bolýaryn –
diýen.



Çorbany iýen çopan bolsa:
– Men düýşümde seniň aýal alanyňy we aýalyňa çorba bişirdeniňi, seniň bolsa baý bolanyňy gördüm. Men bolsa aýal hem alamok, baýam bolamok. Meniň bar baýlygym siziň ýaly dostlarym. Şonuň üçin hem bişiren çorbamyzy özüm iýäýdim –diýip jogap beripdir.

# Üç çopan

Erteki


| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Halymowa* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *A. Öwezow* |
| Suratçy | *Rahman Rahmanow, Türkmenistanyň döwlet çeperçilik akademiýasynyň talyby* |

A-54114. Çap etmäge rusgat edildi 20.08.2010.
Ölçegi 60x84 1/8. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 1,86.
Şertli reňkli ottiski 13,02. Hasap-neşir listi 2,73. Çap listi 2,0. Sany13000. Sargyt 2183

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

